# Ol şeýle ýigitdi..

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ol şeýle ýigitdi.. OL ŞEÝLE ÝIGITDI

Aziýa topraklarynda sowuk howa öz hökmüni ýöredýärdi. Şol ýerde bir oglanjyk ejesi bilen bileje ýaşaýardy, onuň bir diýenini iki gaýtalatmaýardy. Ol – gelejegiň Baýezidi-Bistamisi bolmaly, Taýfur diýilýän gögele oglanjykdy.
Bir gün körpe Taýfur mesjidiň howlusynda oýnap ýörkä, ol ýerden geçip barýan Şakiki-Belhi hezretleriniň nazary oňa kaklyşdy. Ol oglanjygy boýdan-başa synlanyndan soň:
– Bu çaga gelejekde beýik şahsyýetleriň hataryna goşular – diýdi.
Baýezidi-Bistami hezretleri kiçiliginden ylym öwrenmäge höwesekdi. Derslerini ürç edip okaýardy. Bir gün okan bir aýaty oňabiçak täsir etdi. Aýatda şeýle diýilýärdi:
– Biz ynsana ene-atasyna mähirli bolmagy emretdik. Ejesi ony nijeme hupbatlar çekip, göwresinde göterendir. Onuň süýtden kesilmegi-de iki ýyl çemesi dowam eder. Biz ynsana şeýle buýurduk: «Hem Maňa, hem-de ene-ataňa minnetdar bol! Unutma, ahyrynda Maňa gaýdyp gelersiňiz.» («Lokman» süresi, 31/14).
Baýezidi-Bistami bu aýatyokap, öýüne gaýtdy. Ejesi oglunyň ir gaýdyp gelmeginiň sebäbini sorady. Ogly:
– Okan aýaty-kerimelerimiň birinde Allahutagala özüne we saňa gulak asmagymy emredýär. Ýa hemişe seniň hyzmatyňda bolaýyn, ýa-da meni azat et, elmydama Allahutagala ybadat edeýin – diýip jogap berdi. Onda ejesi:
– Sen meni alada etme, Allaha ybadat et! – diýdi.
Şondan soň, Baýezidi-Bistami hezretleri düýrmegi bilen Allahutagala ybadat etmäge berildi. Allahyň emrlerini ýerine ýetirmekde hiç haýal-ýagallyga ýol bermedi. Şonuň bilen bir hatarda, ejesinem närazy etmedi. Ejesiniň ýönekeýje bir haýyşynam möhüm bir buýruk hökmünde kabul edip, ýerine ýetirmäge dyrjaşdy. Sebäbi Allahutagalanyň emri şeýledi. On ýedi-on sekiz ýaşlarynda, her kimiň hormatlap, sylaglaýan

şahsyýetine öwrülen Baýezidi-Bistami hezretlerinden bu mertebä ýetmeginiň syryny soranlarynda:
– Meni ejemiň eden ýagşy dilegi beýgeltdi – diýip jogap berdi-de, başyndan geçen wakany gürrüň bermäge durdy:
– Ejem garrapdy, özem ýarawsyzdy. Ol aýazly gijeleriň birinde, iňläp: «Balam, suw bersene!» diýdi.Men şol bada ýerimden atylyp turdum-da, suw almak üçin daşaryk çykdym. Seretsem, gaplar takyrap ýatyr. Mis jamy suwdan dolduryp, öýe gelenimde, ejem ýatyp galypdyr. Oýarmadym-da, baş ujunda garaşmaga durdum.
Biraz wagt geçensoň, ejem oýanyp, ýene-de suw sorady. Menem derrew beýleki elimdäki, sowukdan ýaňa doňup galan jamy uzatdym. Buz ýaly jama elimiň hamynyň ýapyşandygyny gören ejem gynanjyndan aglama başlady. Ol hem aglaýardy, hem-de Allahdan şulary dileýärdi: «Ýa Rabby! Men Taýfurdan razy, Senem ondan razy bol! Bu pidakär balamy Özüň görüp oturansyň, men başga näme diýeýin Ýa Rabby, näme diýeýin, näme diýeýin» diýip, üç gezek gaýtalanyndan soň: «Allahym, ony ýalkaweri!» diýip, elini ýüzüne syldy-da, «Ämin» diýdi.
Baýezidi-Bistami hezretleri bulary aýdanyndan soň, sözlerini şeýle jemledi:
– Şol gijeden soň, ruhumda käbir özgerişlikleriň bolup geçýändigini duýup başladym. Eger Allahyň dergähinde bir mertebäm bar bolsa, muňa ejemiň dilegi bilen ýetendigime ynanýaryn.

* * *

Baýezidi-Bistami hezretleri ýaş wagty özüniň käbir ybadatlaryndan lezzet almaýardy. Ol ejesini bu ýagdaýdan habardar etdi.Çaga wagty özüni terbiýelemekde kemçilik goýberen ýerleriniň bolup-bolmanyny sorady:
– Ruhumda Rabbyma ýetmegime päsgel berýän bir zatlaryň bardygyny syzýan. Emma hiç sebäbini bilip bilemok.
Ejesi esli wagtlap pikirleneninden soň:
– Balam, ýekeje zat ýadyma düşýär. Sen ol wagtlar kiçijikdiň. Goňşulara oturmaga barypdym. Gujagymda aglama başlapdyň.

Sesiňi goýduryp bilmämsoň, pejiň üstünde bişip duran çorba goňşymdan bidin barmagymy batyrdym-da, agzyňa çyrşadym — diýdi. Muny eşiden ogly ejesinden goňşularany baryp, razylyk dilemegini sorady. Ejesi razylaşandan soň, ybadatlaryndan lezzet almaga başlady.
Hawa, asyl ady Taýfur bolan Baýezidi-Bistami hezretleri Hak bilen dost bolmagyň syrynyňaňyrsynda ejesine eden hyzmatydynyň bardygyny aýdýar. Düýnki gün Allahyň dostlugyny gazanmaga sebäp bolan ene-ata edilen hyzmat bu günem şol dostlugy gazanmaga ýardam edip biler. Garaz,ruhy kämillik ýolunda iň esasy zatlaryň biri hem enäniň razylygyny almakdyr.

* * *

Abbasy halyfy Harun Reşit ägirt uly döwletiň hökümdarydy. Agzyndan çykan her sözi permandy. Näme islese dessine ýerine ýetirilýärdi, bir diýeni iki gaýtalatdyrylmaýardy. Zalym bolmak üçin elinde ähli mümkinçilik bardy, zulum etmek üçin örän oňaýly ýerde oturdy.
Emma, halyfyň paýhasly maslahatçylary onuň göwnüne gelşi ýaly hereket etmegine ýol bermeýärdiler. Harun Reşidiň özi hem olary sylap, haýsydyr bir işiň başyny tutmakçy bolanda ilki ýakyn maslahatçylaryna sala salýardy.
Behlül dana halyfyň iň ýakyn maslahatçysydy. Ýygy-ýygydan halyfa nesihat berip durardy.
Günleriň birinde Behlül üsti-başy tot-tozan halda saraýyň işiginde peýda bolýar. Ony gören halyf:
— Ey Behlül beýle nirelerden gelyärsiň? — diýip soraýar.
— Dowzahdan gelyän, eý, patyşahym, dowzahdan — diýip Behlül jogap berýär. Özüniň ýakyn geňeşçisiniň bu sözünde bir hikmetiň bardygyny aňan halyf, onuň özüçeräk äheňde sowal berýär:
— Soňy haýyr bolsun-da hernä, ol ýerde nämeler etdiň?
— Maňa ot gerek boldy, şonuň üçin gitdim.
— Hawa, onsoň nätdiň, getirip bildiňmi ?
— Ýok, soltanym, getirip bilmedim.
— Näme üçin?
— Ol ýerde ot-ataş yok ekeni. Dowzahyň goragçysy Hazyn: “Bu

ýerde ot bolmaz, her kim öz oduny pany dünýäden ýany bilen alyp gelýändir” diýdi.
Pikire çümen halyf danadan:
– Ey, Behlül, bir gün men hem bu dünýäden aýrylamda, ýanym bilen ot äkitmezlik üçin näme etmeli, maňa näme nesihat berersiň? – diýip soraýar. Behlül:
– Eý, şahy älem, siziň köp zada erkiňiz-güýjüňiz ýetýär, zalymlyk elmydama alkymyňyzda garaşyp dur. Eger ýalançydan aýrylanyňyzda ýanyňyz bilen ot äkitmek islemeýän bolsaňyz, size berjek üç nesihatymy pugta belläň. Şony berjaý etseňiz, siz hem halas bolanlaryň – ýany bilen ot äkitmedikleriň hataryna goşularsyňyz.
– Aýt nesihatlaryňy, eşideli.
Behlül:
– Adalat , Adalat , Adalat! – diýip halyfa “üç” nesihatyny aýdýar.
Howa, jogapkärçilikli wezipedäkiler, özgelere buýruk bermäge hukugy bolan her bir adam ýany bilen ot äkitmek islemeýän bolsa, adalatly bolmalydyr. Golastyndaky şahyslaryň hak-hukugyna üns bermelidir.

«Yslam Nury» kitapdan. Hekaýalar